Klimatyň üýtgemegi

Öz uglerod yzyňy nädip kiçeltmek barada maslahatlar

Uglerod yzy – bu adam energiýa çeşmelerinden peýdalanýan ýa-da harytlary satyn alýan wagty emele getirýän ähli parnik gazlarynyň jemi zyňyndysydyr.

CO_2 (kömürturşy gazy) – klimatyň üýtgemegine täsir edýän esas parnik gazy. Ol energiýany almak üçin peýdalanylýan gazylyp alynýan ýangyçlaryň ähli görnüşleriniň – nebitiň, kömrüň we tebigy gazyň ýakylýan wagty atmosfera giňişligine bölünip çykýar. Diýmek, gündelik energiýany we serişdeleri azaltmak bilen, CO_2-niň atmosfera giňişligine zyňylmagyny kemeltmek hem-de planetamyza kömek etmek mümkin ekeni. Muny nädip etmek mümkin?
CO_2-ni KEMELT, MUŇA GATNAŞ maslahatlary oka!

CO_2-ni KEMELT, MUŇA GATNAŞ, GORAP SAKLA!

MEKDEBE BARÝAN ÝOLDA, DYNÇ ALYŞDA WE GEZELENÇLERDE

Köplenç pyýada ýöre we welosipedi peýdalan.

Jemgyýetçilik ulaglaryndan peýdalan

Eger-de has uzak bolmasa, başga şähere gezelenje gideniňizde, uçara däl-de, otla artykmaçlyk beriň.

Öz uglerod yzyňy KIÇELT!

MEKDEPDE

Şu plakaty öz okaýan mekdebiňde ýa-da ýaşaýan jaýyň girelgesinde asyp goý.
Bu maslahatlar barada dostlaryňa we tanyş-bilişleriňe gürrüň ber.

Klimatyň üýtgemegine garşy alnyp barylýan göreşe GATNAŞ!



ÖÝDE ENERGIÝANY TYGŞYTLAMAK

Gyşda elektrik gyzdyryjylary peýdalanmazlyk üçin, öz ýaşaýan kwartiraňyzdaky ýa-da öýüňizdäki yşlary bekläň!
Öýden, jaýdan çykanyňyzda elektrik çyralaryny öçüriň!

Energiýany tygşytlaýan lampoçkalary peýdalanyň!

Peýdalanylmaýan wagty ykjan enjamlara (priborlara) zarýan bermek üçin ulanylýan gurluşlary birikdirijiden (rozetkadan) öçüriň!

Kompýuteri, telewizory we beýleki elektrik enjamlaryny garaşýan düzgünde goýmaň, ýakmak/öçürmek üçin düwmejigi peýdalanyň ýa-da olary birikdirijiden öçüriň.

Egin-eşikleri ýuwanyňyzda has pes temperaturadaky (30-40°C) suwy peýdalanyň.

Sowadyjynyň gapysyny açmazyňdan ozal, onuň içinden nämäni aljakdygyň barada öňünden pikirleniň.

Hakykatdan hem özüňize gerek bolan möçberdäki suwy gaýnadyň.

Iýmit önümlerini bişirýän wagtyňyzda pitiniň (kastrýulyň) ýa-sa sajyň (skowarodanyň) gapagyny ýapyň, şonda energiýa 2,5 esse az harçlanýar.

Öz uglerod yzyňyzy KIÇELDIŇ!

HER GÜN ÜÇIN MASLAHATLAR

Suw akdyryjy krandy mäkäm ýapyň.

Şahsy zatlaryňyza tygşytly çemeleşiň, olar şonda size uzak hyzmat eder.

Printeriň kömeginden seýrek ýagdaýlarda peýdalanyň, kagyzy tygşytlaň.

Ikinji serişdelerden öndürilen ýa-da ikinji gezek gaýtadan işläp boljak zatlary peýdalanyň.

Tebigy serişdeleri GORAP SAKLAŇ!

DÜKANDA

Siz haçan-da ata-eneleriňiz bilen dükana gideniňizde:

• öz sumkaňyzy ýanyňyz bilen alyp gidiň – bir gezerklik ulanylýan örtgileri, paketleri seýrek ulanyň.

• energiýany az (pes) möçberde sarp edýän elektrik enjamlaryny satyn alyň.

• daşalmagy (transportirowkasy) üçin az möçberdäki energiýa sarp edilen ýerli azyk önümlerini satyn alyň.

Öz uglerod yzyňyzy KIÇELDIŇ!




Klimat gutusy


«Russiýa Federasiýasynyň maliýe goldawy bilen»

KLIMATYŇ ÝÝTGEMEGI

Eger-de adamzat parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak babatda mümkin bolan ähli çäreleri görmese, onda XXI asyryň ahyryna çenli tebigat we adam üçin getirip biljek netijeleri



XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Ýer togalagynda howanyň ortaça temperaturasy 1,20 C ýokarlandy. Soňky 1400 ylyň dowamynda howanyň temperaturasy hiç haçan hem ýokary bolmandy. 2023-nji ýylda meteorologik gözegçilikleriň bütin taryhynda rekord maýyl ýyl boldy.



Temperaturanyň ýokarlanmagy bilen birlikde, planetamyzdaky ähli tebigy ulgamlar hem deňagramlykdan çykýar: buzluklary we köp ýyllaryň dowamynda buz bolup ýatat buzly gatlaklar ereýärler; Dünýä okeanynyň derejesi ýokarlanýar; suw joşgunlary. Gurakçylyklar we tozanly harasatlar ýygy-ýygydan bolup geçýär; howa barha üýtgeýär.

2,4 milliarddan 3 milliard adama çenli. 2050



2050-nji ýylyň ahyryna çenli klimatyň üýtgemeginiň netijeleri, ilatyň sanynyň köpelmegi, tokaýlaryň meýdanynyň azalmagy we Dünýä okeanynyň derejesiniň ýokary göterilmegi sebäpli, suw joşgunlaryndan we beýleki betbagtçylykly hadysalardan ejir çekýän adamlaryň sany 2,4 milliarddan 3 milliard adama çenli köpeler.

Ilatyň 40%-i.



Ýer togalagyndaky ähli ilatyň 40%-i uzynlygy 100 kilometre barabar bolan kenarýaka zolakda ýaşaýar. Suw serişdeleriniň hiliniň üýtgemegi, ilkinji nobatda, şu adamlara öz täsirini ýetirer. Deňziň derejesiniň ýokary göterilmegi süji suwuň kenar ýakalarynda ýerleşen çeşmeleriniň duzlulygyny artdyrar hem-de suw basmagynyň hasabyna aşamak üçin amatly bolan çäkleriň daralmagyna we kemelmegine getirer.

800 milliondan 3 milliard adama çenli.



Klimatyň üýtgemegi zerarly buzluklaryň eremegi tizleşer, şeýle hem agýan ygallaryň kadasy we mukdary üýtgär. 2080-nji ýyla çenli 800 milliondan 3 milliarda çenli adam suwuň gytçylyk edýän şertlerinde ýaşar.


Ösüp barýan ýurtlaryň ugunlaşmaklary üçin 2050-nji ýylda 20C = 500 milliadr dollar ($)

Klimatyň üýtgemeginiň barha tizleşýän depgini sebäpli, Ýer togalagynda howanyň temperaturasynyň bary-ýogy diňe 20ºC ýokarlaanmagy, ösüp barýan ýurtlaryň ilatyny uýgunlaşdyrmak boýunça çäreler çäreler üçin ediljek maliýe çykdajylaryň 2030-njy ýylyň ahyryna çenli ABŞ-nyň 300 millardyna, 2050-nji ýyla çenli bolsa 500 millard dollara barabar bolar.



Gazylyp alynýan ýangyjyň ýakylmagynyň, awtomobil ulgalarynyň sanynyň köpelmeginiň we tokaýlaryň çapylmagynyň netijesinde atmosferadaky kömürturşy gazy (CO_2), metan (CH_4), azotyň zakisi (N_2O) ýaly parnik gazlarynyň konsentrasiýasy Ýer togalagynda iň azyndan 800 müň ýylda entek asla bolmadyk derejesine baryp ýetdi. Industrial eýýamyň başyndan bäri – ýagny, 1750-nji ýyldan başlap, atmosferadaky kömürturşy gazynyň (CO_2) mukdary 150%, metanyňky (CH_4) – 264%, azotyň zakisiniňki (N_2O) – 124% ýoklarlanypdyr.





ARKTIKA

- Deňiz buzluklarynyň meýdanynyň, Grenlandiýanyň müdümi buzluklarynyň, şeýle hem gar örtüginiň azalmagy.
- Kenarlaryň dargamagy (eroziý)
- Tundranyň meýdanynyň kiçelmegi
- Kömürturşy gazynyň we metanyň köp möçberde daşky gurşawa zyňylmagy bilen bolup geçýän müdümi buzluklaryň eremegi
- Maýylganlyk, ösümlik örtüginiň üýtgemegi, haýwanlaryň başga ýerler göçmegi (migrasiýa)
- Denizde we kenar ýakalarynda ýaşaýan haýwanlar üçin kynlylyklaryň döremegi
- Ýerli görnüşlere oňaýsyz täsirini ýetirýän täze görnüşleriň bu ýerlere aralaşmaklary

Adam üçin ýaramaz (heläkçilikli) netijeleri

- Uýgunlaşmak örän gymmat düşýär
- Kenarýaka ertaplaryny we şäherleri suw basmagy
- Oba hojalygy üçin ýaramly ýerleriň meýdanynyň azalmagy hem-de galla ekinleriniň hasyllylygynyň peselmegi
- XXII asyrda Golfstrimiň akym ugrunyň üýtgemegi hem-de Demirgazyk Ýewropada we Britan adalarynda howanyň güýçli sowamagy mümkin

Ortaýerdeňiz ýurtlarynda: Yssy tolkunlary, güýçli tokaý ýangynlary we suwuň gytçylygy

ÝEWROPA

- Güýçli ýagyşlar, suw joşgunlary
- Haýwanlaryň bir ýerden başga bir ýere göçmekleriniň (migrasiýa), ösümlikleriň güllemeginiň möhletleriniň üýtgemegi we ş.m.
- Ösümlikleriň we haýwanlaryň täze görnüşleriniň aralaşmaklary, şol sanda howply keselleri döredijiler mör-möjekleriň dürli görnüşleriň aralaşmaklary
- Daglardaky buzluklaryň çekilmegi hem-de gyş paslynda sýýahatçylaryň akymynyň kemelmegi
- Deňiz derejesiniň ýokary göterilmegi sebäpli, kenarýaka etraplary we şäherleri suw basmagy

AZIÝA

- Merkezi we Günbatar Aziýada ýygy-ýygydan gurakçylygyň bolmagy hem-de suw gytçylygy
- Daglardaky buzluklaryň azalmagy, siller, gar örtüginiň süýşmegi hem-de buzly köllériň suw bilen çendenaşa dolmagy sebäpli, heläkçilikli suw joşgunlary
- Deryalaryň güýçli joşmagy
- Dünýä okeanynyň derejesiniň ýokary göterilmegi sebäpli, iri kenarýaka şäherleri we hasylly düzlükleri suw basmagy
- Deňiz, derýa, guryýer ekoulgamlarynyň köpçülikleýin üýtgemeginiň ähtimallygy

Adam üçin heläkçilikli netijeleri

Ýerli ilatyň däp bolan ýaşaýyş-durmuş keşbini saklap galmak bilen baglanyşykly wajyp meseleler

AFRIKA

- Gündogar Afrikadaky Beýik köllériň suwunyň temperaturasynyň ýokarlanmagy
- Tokaýlaryň meýdanynyň azalmagy
- Güýçli gurakçylyklar, süýji suwuň ýetmezçilik etmegi

- **Kalimandžaronyň buzluklarynyň ýitip gitmegi**

Adam üçin Heläkçilikli netijeleri

Oba hojalygy üçin ýaramly bolan ýerleriň meýdanynyň daralmagy hem-de galla ekinleriniň hasyllylygynyň peselmegi

Has güýçli ejir çekýän sebitlerden ilatyň köpçülikleýin göçmekleri (migrasiýasy)

AWSTRALIÝA

- Tomusda yssy tolkunlary, gurakçylyklar we güýçli toka ýangynlary
- Yagyşly möwsümde Awstraliýanyň demirgazygynda helakçilikli suw joşgunlarynyň döremegi
- Merjen rifleriniň güýçli derejede dargamagy
- Ýerli görnüşleri gysyp çykarýan ösümlikleriň we haýwanlaryň täze görnüşleriniň aralaşmaklarynyň uly töwekgelçiligi

KIÇI ADALAR

- Aýry-aýry adalaryň ekoulgamlarynda üýtgeşmeleriň ýüze çykmagy, merjen rifleriniň dargamagy
- Adalary doly suratda ýa-da kem-kwsleýin ýagdaýda suw basmagy
- Okeanyň suwunyň temperaturasynyň we turşulygynyň ýokarlanmagy sebäpli, deňiz ekoulgamlary üçin howpuň döremegi
- Syýahatçylaryň akymynyň kemelmegi

Adam üçin Heläkçilikli netijeleri

Galla ekinleriniň hasyllylygynyň peselmegi

Tupanlaryň, tornadolaryň we tropik siklonlaryň täsirinde ýetirilýän zyýanyň ýokarlanmagy

MERKEZI WE GÜNORTA AMERIKA

- Kadadan çykýan (anomal) ygallar
- Deryalaryň akymynyň üýtgemegi hem-de elektroenergiýa üpjünçilikli bilen baglanyşykly meselelerde kynçylyklaryň ýüze çykmagy (köp ýurtlar gidroenergiýa doly garaşly bolup duryarlar)
- Amazoniýanyň tokaýlarynyň we La Platanyň ekoulgamlarynyň ýitip gitmek howpy
- Daglardaky buzluklaryň azalmagy, siller, daglardan gar örtüginiň süýşmegi hem-de buzly köllériň suwdan çendenaşa dolmagy sebäpli heläkçilikli suw joşgunlary
- Kontinentiň aýry-aýry ýerlerinde suwuň gytçylyk etmegi
- Merjen rifleriniň güýçli derejede dargamagy

Adam üçin Heläkçilikli netijeleri

Ýerli ilatyň däp bolan ýaşaýyş-durmuş keşbini saklap galmak bilen baglanyşykly wajyp meseleler

Adam üçin Heläkçilikli netijeleri

Adamlary başga ýerlere göçürmegiň zerurlygy

Adam üçin Heläkçilikli netijeleri

Oba hojalygyny uýgunlaşdyrmagyň örän gymmat düşmegi

Ýerli ilatyň däp bolan ýaşaýyş-durmuş keşbini saklap galmak bilen baglanyşykly wajyp meseleler

Has güýçli ejir çekýän sebitlerden ilatyň köpçülikleýin göçmekleri (migrasiýasy)

Azyk önümleriniň ýetmezçilik etmegi

ANTARKTIKA

- Antarktidanyň günbatar bölegindäki buzluklaryň azalmagy
- Pingwinleriň we beýleki guşlaryň, şeýle hem deňiz haýwanlarynyň ýaşaýan ýerleriniň şertleriniň üýtgemegi

Adam üçin Heläkçilikli netijeleri

Süýji suwuň ýetmezçilik etmegi hem-de oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygynyň peselmegi

Industrial eýýama çenli, ýagny X II asyryň ortalaryna çenli döwür bilen deňeşdirilende, XXI asyryň ahyryna çenli temperaturanyň üýtgemegi

Klimat gutusy

«Russiýa Federasiýasynyň maliýe goldawy bilen»

Nädip klimatyň üýtgemegine uýgunlaşmaly we durnuklylygy ýokarlandyrmaly

«Russiýa Federasiýasynyň maliýe goldawy bilen»

Klimatyň üýtgemegini birnäçe duýduryň çärelerini kabul etmek arklary ýumşatmak mümkin. Bu ýagdaý klimatyň üýtgemegine bolan uýgunlaşma diýlip atlandyrylýar. Uýgunlaşmak bize klimatyň üýtgemegini ýumşatmaga ýa-da onuň oňaýsyz netijelerinden sowulmaga hem-de täze şertlerde ýaşaýşy we ösüşi goldamak üçin çözgütleri tapmaga kömek edýär.

Oba hojalygy

- suwaryş üçin ýagyş suwlaryny ýygnaýarys we peýdalanýarys
- Suwaryşyň netijeli ulgamyny, mysal üçin, damjalaýyn suwaryşy ýola goýýarys
- Çagba garşy tory gurýarys
- Ekinleri ýelden goramak üçin ekin meýdanlarynyň daş-töweregine agaçlary ekýäris
- Ýyladyşhanalary gurýarys
- Yssa we gurakçylyga durnukly bolan ekinleri ekýäris.
- Suwaryşyň dogry wagtyny (möhletini) saýlap alýarys

Tebigy ekoulgamlar

- Biologik dürlüligi gorap saklaarys, çünki görnüş düzümi boýunça has dürli-dürli bolan ekoulgamlar klimatyň üýtgemegine gowy döz gelýärler
- Ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini berjaý edýäris
- Tokaýlar mal bakmak üçin peýdalanmaýarys

Adam saglygy

- Şaherlerde we ilatly ýerlerde ýaşyl zolaklary has köp döredýäris
- Keselleriň ýaýraýşy we olaryň öňüi alyk (profilaktiki) çäreleri baradaky maglumatlary öz wagtynda alýarys
- Howa ýagdaýlaryna laýyklykda geýinýäris
- Ýygy-ýygydan suw içýäris

Heläkçilikli ýagdaýlaryň töwekgelçiliklerini peseldýäris

- Suw joşgunlaryna garşy göreşmek üçin niýetlenilip gurlan kanallary we derýalary hapalamaýarys
- Derýalaryň kenarlaryny berkidýäris
- Kenarýaka ýerlerde kök ulgamy has çuňluklara aralaşýan agaçlary ekýäris we olary goraýarys
- Howa ýagdaýlaryna gözegçilik edýäris
- Zeýkeş (drenaž) ulgamlary gurýarys

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň (UNDP) taslamasy hem-de «Ermenistanyň Milli uýgunlaşmak meýinamasynyň» Ýaşyl klimat gaznasy tarapyndan «Klimat gutusy» üçin hödürlendi